# ELEKTRON HOWPSUZLYK DÖWRÜŇ MÖHÜM TALABYDYR

Türkmenistan döwletimizde häzirki zaman ylmynyň we tehnikasynyň gazananlarynyň durmuşa giňişleýin ornaşdyrylmagyna aýratyn üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň yzygiderli  aladasy netijesinde täze tehnologiýalar ýurduň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda giňişleýin ornaşdyrylýar.

Elektron howpsuzlyk – häzirki zaman goragynyň “akylly” galkany bolup durýar. Häzirki wagtda diňe bir demir gapylar we galyň diwarlar biziň howupsyzlygymyzy üpjün etmek üçin ýeterlik däl. Tehnologiýanyň ösmegi bilen, elektron howupsyzlyk (Electronic Security) biziň jaýlarymyzy, ofislerimizi we jemgyýetçilik ýerlerini goramakda iň ygtybarly serişdä öwrüldi. Eýsem, elektron howpsuzlyk näme? Elektron howpsuzlyk — bu howplary ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we gyssagly habar bermek üçin döredilen tehniki ulgamlar. Ol adaty gorag işgärleriniň ýerini çalşyp ýa-da olaryň işini ýeňilleşdirip, 24 sagatlap üznüksiz gözegçiligi üpjün edýär. Elektron howpsuzlygyň esasy düzüm bölekleri aşakda görkezilenlerden ybarat bolup, bu ulgamda birnäçe esasy enjamlaryň sazlaşykly işlemegine esaslanýar:

1. Wideo gözegçilik ulgamlary (CCTV): Bu iň giňden ýaýran görnüşdir. Kameralar wakalary wideo ýazga alýar we göni ýaýlymda (onlaýn) telefondan ýa-da kompýuterden tomaşa etmäge mümkinçilik berýär. Akylly kameralar indi diňe bir ýazga alman, eýsem adamyň ýüzüni tanap, hereketi anyklap hem bilýärler.
2. Giriş gözegçilik ulgamlary (Access Control): Binalara diňe rugsat berlen adamlaryň girmegini üpjün edýär. Munuň üçin magnit kartoçkalar, kodly gulplar ýa-da biometrik skanerler (barmak yzy, gözüň göreji ýa-da ýüz keşbi tanaýan enjamlar) ulanylýar.
3. Duýduryş (Signalizasiýa) ulgamlary: Ogurlyga garşy bolup, gapylar ýa-da penjireler bikanun açylanda, otagda hereket duýlanda gaty sesli signal berýär we gorag gullugyna habar ugradýar.
4. Ýangyna garşy: Tüsse duýduryjylary ýangyn dörän badyna suw sepmek ýa-da duýduryş bermek hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Häzirki wagtda elektron howpsuzlyk bilen kiber howpsuzlyk düşünjeleriniň biri-biri bilen garyşdyrylýan, çalşyrylýan ýerlerine hem duş gelmek bolýar. Indi bu iki ugruň has ýakynlaşýandygyna garamazdan, olaryň arasyndaky az-kem tapawutlary-da belläp geçmek ýerlikli bolar: kiber howpsuzlyk internet we kompýuter ulgamlarynda maglumatlary, programma üpjünçiligini, torlary wirtual (sanly) hüjümlerden, wiruslardan programmalaryň, kodlaryň, kriptografiýanyň kömegi bilen goraýan bolsa, elektron howpsuzlyk – biziň öýlerimizi, ofislerimizi, ammarlarymyzy, edara-kärhana binalarymyzy fiziki howplardan, ogurlykdan kameralaryň, gulplaryň, ýörite sesleriň kömegi bilen goraýar.

Elektron howpsuzlyk biziň gün-günden ösüp barýan durmuşymyz üçin iňňän möhüm bolup,

Все права защищены

olar howp dörän halatynda çalt habar bermek ýa-da jenaýatçynyň öz gara niýetinden el çekmegi ýaly ýagdaýlary üpjün edip biler.

**Gülşirin ALLAMYRADOWA**

**Telekommunikasiýalar we**

**informatika institutynyň mugallymy**

Все права защищены